Ak Welsapar

# GÖZLERIÑI SATYP GAL!

*Kinaýa*

Geldi şeýle zamana,
Ýurt ýykylýar – ýykyp gal!
Umyt goýma amana,
Omzuñ bilen kakyp gal!

Mesirgeşip, böküän kän,
Senem göge böküp gal!
Dul gapysyn kakýan kän,
Kem galaýma – kakyp gal!

Köpeldi ili çapýan,
Öz iliñi çapyp gal!
Namardyñ elin öpýan,
Senem egil, öpüp gal!

Boz garybyñ mydaryn,
Göz ýaşyny döküp gal.
Eşitseñ, ýetim zaryn,
Gulagyndan çekip gal!

Dürli nysak tapylýar,
Senem bir zat tapyp gal.
Kim ýykylsa, depilýär,
Rehim etme, depip gal!

Hiläñ bolmasyn hakda,
Ýagşy görseñ, çakyp gal!
Bäsleş ýaranjañlykda,
Senem orta çykyp gal!

Geçmişiñi ýumur sen,
Geljege daş atyp gal!
Soñra abat il görseñ,
Gözleriñi satyp gal!